# «Ýadady. Gerk-gäbe…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Ýadady. Gerk-gäbe…" «ÝADADY. GERK-GÄBE…»




Ýadady.
Gerk – gäbe…
Ýuwutdy.

Dymdy.
(Kynçylyga ynsabyn hüwdületmedi)
Çar ýandan:
Urgular,
Hyýanat,
Oýun.
(Kakasynyñ gyzy ol, egmedi boýun)
Ýeñseden
Ýüzüne
Içden
Uruldy.
(Dogrusy, gatyja boýny buruldy)
Emma ykbalyna çäksiz minnetdar.
Indi golaýynda diñe dosty bar.
Päliýaman demine dykjakdy dyky,
Emma ýoldaş boldy özüne neti.

Bitirdi öz işin durmuş elegi.
Şükür
Pes ölçegde ölçelmedi ýüregi.

Oguljan BÄŞIMOWA. Goşgular